# Umytda boluber (gülküli kyssa)

Category: Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 31 марта, 2025



Bir gün tanymal ýazyjy nähoşlady. Ony eşiden ýaş galamdaşlarynyň biri görmäge geldi. Nähoşlan ýazyjy ýaş galamdaşynyň gelenine hoş bolup, birneme dikeldi. Tirsegine galyp oturdy. Olar çaý başynda döredijilik, durmuş barada kän gürrüň etdiler. Gürrüňçiligiň arasynda ýaş ýazyjy halypa ýazyjynyň göwni üçinmi ýa-da çynymy, garaz, onuň döredijiligi barada uly göwrümli makala ýazmagy hyýal edenini ýaňzytdy. Ençe wagt bäri eser döredip, şolar bilen il-halkyň hormatyna mynasyp bolanam bolsa, özi hakda ýazylan makalany bir gezegem okap görmedik ýazyjynyň ýaş galamdaşynyň sözlerine has-da göwni galkdy. Onuň ýazjak zatlaryny okap görmek höwesi döredi. Şol günden soň ýaş ýazyjynyň tanymal ýazyjynyň ýanyna birki ýola gatnap, özüne gerek maglumatlaryny belleşdirip gitmegi onuň höwesini has-da artdyrdy.

Hassa ýatan ýazyjy özi hakda oňat makalanyň ýazylaryna umytda

bolup, her günki gazetleri gözden geçirip başlady. Ol näçe garaşsa-da, gazet-žurnalda özi hakda ýazylan makala gözi düşübermedi. Onda-da arzuw, umyt bir gowy zat, makalanyň ahyrda ýazylaryna ynam bilen garaşdy.

Aradan iki aýdan gowrak wagt geçensoň, ýaş ýazyjy jaň edip, makalany ýazyp ýörendigini habar berdi. Bu habar halypa ýazyjynyň goltugyndan gop berlen ýaly etdi. Ýüzi nurlandy.

Bedenine güýç-gurbat gelen ýaly boldy. Umydy has berkedi. Makalanyň ýazylyp gutarylmagyna garaşdy.

Aradan ýene-de dört aý töweregi wagt geçdi. Ýaş ýazyjy jaň edip, makalanyň başky ýazylanyna göwni ýetmän, düýbünden başgaça edip başlandygyny aýtdy. Özem onuň örän üýtgeşik makala boljagyna ynandyrdy. Şondan soň özi hakda ýazyljak üýtgeşik makalany okamaga bolan umydy halypa ýazyja şeýle bir güýç berdi welin, düşeginden galanyny özem bilmän galdy. Onuň işdäsi açylyp, süňňi ýeňledi-de, bir günem aýak üstüne galyp ötägitdi. Ony ýolda-yzda görenler bir ýyla golaý düşekde ýatan hassadyram öýtmediler. Ýüz-gözi gülüp duran, süňňi sagat ýaşulynyň aýak urşy dagy ýaş ýigitlere gaýra dur diýdirýär.

Ana, şol günleriň birinde ýaş galamdaşyndan habar almak üçin jaň edende, onuň ýarawsyz ýatandygyny eşitdi. Halypa ýaş galamdaşynyň öýüne bardy. Görse, ol ýorgan-düşekli ýatan eken. Halypa onuň düşen ýagdaýyna gynandy. Ýaş ýazyjy bolsa halypa ýazyjynyň daýanykly syratyny görüp haýran galdy.

– Halypa, tüweleme, aýak üstüne galaýypsyň, ýüz-gözüňem durlanypdyr. Lukmanlaryň güýçli eken-ow.

– Hawa, aýak üstüne galdym. Lukmanlaryň eminiň täsiri bolsa-da bardyr welin, ýöne meni seniň şol ýazýan makalaňy okap görmek umydy aýak üstüne galdyrdy. Şol makalany çalt ýazyp, çap etdirmedigiňe sag bol. Ony okamak umydym şeýle uzaga çekmedik bolsa, bu wagta çenli maňa näme boljagy belli däl eken. Menem seniň ýagşylygyňa ýagşylyk gaýtarmasam bolmaz. Şu günden başlap menem seniň döredijiligiň hakda makala ýazyp başlajak.

Meniň elimiň çaltlygy seniňkiden tapawutly däl. Şonuň üçin umytda bol-da, garaşyber. Ahyrda, wagty gelende makalany tamamlaryn – diýip, halypa ýazyjy hoşlaşyp, çykyp gitdi.